# Bir söýginiň taryhy / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bir söýginiň taryhy / hekaýa BIR SÖÝGINIŇ TARYHY

Gül meňzi saralyp, gara gözi gussa gaplanan, hortap gyz çyrpynyp ýatan mawy deňziň biri-birini kowalap, kenara urulýan tolkunlaryny synlap oturşyna: “Ah, gök deňiz, gök deňiz! Men ýüregimi diňe saňa açyp bilýän, emma kalbymdaky harasady bilseňem, hiç-hili jogap bereňok. Ýok, ýok, sen öz diliňde maňa bir zatlar maslahat berýäň, emma men oňa düşünemok. Seniňem başdan geçirýän heseriň, harasadyň meň kalbymdakydan pes däl bolmaly, çünki seniňem tolkunlaryň hanaňa sygman kenara urulyşy meniň gursagyma sygman, ony ýarara getirýän duýgularyma, hasratyma meňzeýär” diýip oýlandy. Soňra “Wah, şu wagt Enebaý mugallym ýanymda bolsady, şondan maslahat sorardym” diýip pikirlendi. Iki dyzynyň üstüne kellesini goýup oturşyna: “Kakam sag-aman gutulsa bolýar, ol näme diýse şoň bilenem bolaryn. Enem-atamyň maňa ýamanlygy ýokdur” diýip içini gepletdi. Birdenem golaýynda duran ýigide gözi düşdi-de: “hi-h” edip içini çekdi. Ol alasarmyk halda oturşyna, bu ýigidiň keşbi gözüne görünýändir öýtdi. Sary bägüllerden boglan çemeni elinde saklap duran ýigit:
–Täçbibi, salam!– diýdi. Emma gyz jogap gaýtarman, oňa seredip, gözlerini ýumup, täzeden açdy. Soňra:
– Saňa meniň bu ýerdedigimi kim aýytdy? Meni sorap öýmize bardyňmy? –diýip, sorag bilen ýüzlendi. Öňem haly harap bolup oturan gyzyň gorkudan ýaňa ýüzi üýtgäp gitdi. Ol:
– Sen meni sorap öýe bardyňmy? Näme üçin menden soraman öýe bardyň?– diýip, sandyraýan sesi bilen gaýtalady. Ýigit:
– Men seni gözläp geldim. Öýňüzde kiçijik bir gyz öňümden çykyp, seniň öýde ýokdugyňy aýtdy. Soňam köp wagtyňy kenarda geçirýändigiňi aýdyp, şu ýerini salgy berdi. Sen näme üçin meniň jaňlaryma jogap bermediň? Janyň beri sagmy? Siziňkiler enem-atamyňam sözüni alman, yzyna ugradypdyrlar. Ikimiz bir-birimize söz beripdik, ahyry. Men gelmesem başga alajym

galdymy? – diýip, yzly-yzyna suňşurdy.
Gama batyp oturan gyz ýigide tarap seretdi. Golaýynda duran berdaşly ýigigidiň syraty gyzyň ümezläp duran gözüne salgym ýaly bolup göründi. Täçbibi görmegeý ýigidiň nurana keşbini ilkinji gezek görýän ýaly çiňerildi. Näme üçindir ýaş ýigidiň elinde saklap duran bir bogdak sary bägüllerinde nazary eglendi. “Meniň halaýan sary bägüllerim. Nazar her gezek meni görmäge gelende sary bägül getirýär. Ol her gezek meniň ýanyma gaýtmakçy bolanda ýörite sary bägül gözleýärmikä? Bu seýrek bägülleri nireden alýarka?” diýen, soragly pikir kellesinde aýlandy. Birdenem: ‘’Nazary görenimde aýdaryn diýip ýören sözleri ýadyna düşüdi. Emma hemişe hyýalyndaky şazadasy hasaplap ýören ýigidine aýtmagyň ebeteýini tapmady. Gyz ýüzüni aşak salyp oturşyna: “Sen meni unut. Indi meni idemede, jaňam etme. Gaýrat et! Eger başarsaň meni bagyşla! Men ezizlerimi ynjydyp, seniň bilen durmuş gurmak islämok. Meniň ýagdaýyma düşünjek bol. Men sebäpli, meniň zoňtarlygym sebäpli kakam ýarawsyz ýatyr. Eger oňa bir zat bolaýsa… men özümi hiç wagt bagyşlap bilmerin. Eger sensiz ýüregim para-para bolýanam bolsa, mähribanlarymyň men sebäpli hasarat çekmeklerini islämok, düşünýäňmi?” diýip, sözleriniň soňuny aga ýazdyrdy. Nazaryň Täçbibileriň maşgalasynda näme bolup geçeninden habary ýokdy. Täçbibiniň näme üçin beýle diýýändigine düşünjek bolup elewredi. Ol näme diýjegini bilmän diňe: “Näme üçin? Näme üçin? ”diýip, şol bir gaýtalanyny gaýtalady. Täçbibiden welin düzüwli jogap eşidip bilmedi. Nazar:
Iň bolmanda sebäbini bir düşündir , ahyry– diýdi.
Täçbibi edil akyly üýygän ýaly: “Saňa git diýdim, git!” diýip, agyly ses bilen gyýgyrdy. Nazar hiç bir zada düşünmän, gamgyn halda yzyna dolandy…
Täçbibi paýtagtda ýokary okuw jaýynda okapdy. Okan döwürleri çetkiräk etraplarda ýaşaýan topardaş oglany Nazar oňa köp gezek söz aýdypdy. Bu ýigitde Täçbibiniňem göwni ýok däldi. Emma ol okuwyň ahyrky ýylyna barýançalar ýigide doly jogap bermändi. Ýigidiň özüne bolan yhlasyny, söýgüsiniň çynlygyna doly göz ýetiresi gelipdi. Diňe okuwy ahyrlap barýarkalar onuň ene-atasyny ugratmagyna garşy däldigini aýdypdy. Täçbibi

maşgalalarynda baş çaganyň iň kiçisidi. Özem giç doglansoň özünden uly doganlary bilen ýaşlarynyň ara tapawudy ep-esli bardy. Şonuň üçinem ol beýleki doganlaryna garaňda läligräk saklanypdy. Şeýle-de bolsa, Täçbibi ederini bilmeýän gyz däldi. Akyllydy, agrasdy, okuwyna-da ökdedi. Bu ýyl bolsa ýokary okuw jaýyny tapawutlanan diplom bilen tamamlap gelipdi. Uly doganlarynyň dördüsi hem öýli-işiklidi. Annanur aga bilen Bibigözel ejäniň körpe gyzlaryny hem gowy maşgala duşuryp, gözli-başly etseler dünýäde başga arzuwlary ýokdy. Ýokary bilim alyp gelip, öz dogduk obalarynda işe başlan gyzlaryny öňräkden bäri Annanur agnyň ýegre dosty ogly üçin soraýardy. Annanur aga hem bäş barmagyna belet bolşy ýaly belet maşgalasyna gyzyny bermäge garşy däldi. Ol öňki çagalaryny öý-işik edende-de, ilki özi razy bolardy-da, soňra olara maslahat salardy. Çagalarynyň hemmesi hem kakalarynyň gelen netijesi bilen ylalaşypdylar. Ýaşuly bu gezek hem öňküleri ýaly dostuna öz razylygyny berdi. Gyzynyň bu meseläni özünden soraman çözmeklerine nägile bolmagy: Özem göni ýüzlerine seredip: “Siz tanasaňyzam ol ýigidi men tanamok. Maňa maslahat salman, näme üçin olara razylyk berdiňiz? Durmuşa çykmaly men dälmi näme?” diýmegi, kakasydyr ejesiniň üstünden gaýnag suw guýlana dönderdi. Gyzyndan beýle gaýtarga garaşmadyk atanyň dili tutuldy, ýüzi göm-gök boldy. Ýagdaýyň has beterlemeginden gorkan ene, ataly gyzyň arasyna düşdi. Ol: “Wah, bu ýaşlar pikirlenmän bir zat diýip goýberäýýärler-dä. Sen beter ýüregiňe almaweri, kakasy. Gyzyňa biraz pikirlenmäge wagt ber, onsoň saňa garşy bolup durmaz. Bu-da biziň oda oklamajagymyzy bilýändir” diýip, şelaýynlyk etdi. Kakasy näme diýjegini bilmän, şol durşuna öýden çykyp gitdi. Ene gyzynyň bu eden hereketiniň ýalňyşdygyny düşündirjek bolup, jan etdi. Gyzy: “Wah, eje, menem siziň ýamanlygyňyzyň ýokdugyny bilýän, ýöne mendenem bir soraýmaly ekeniňiz-dä” diýip, şumjardy. Enäniň gyzyna-da, adamsyna-da nebsi agyryp, näme etjegini bilmän, içini hümledip oturyberdi. Şol gün giç öýlän Bibitäjiň kakasyny işdeş ýoldaşlary ýarawsyz halda işden getirdiler. Onuň uzakly gün gaty gyzgyn howada açyk meýdanda gezendigini, birdenem özünden gidip ýykylandygyny aýtdylar. Öýe gelen “Tiz

lukmançylyk kömegininň” lukmanlary gerekli däri-dermanlary ýazyp, hassany gozgaman, ümsümlik ýerde, garaňky jaýda saklamalydygyny aýtdylar. Şondan bärem indi üçülenji gün Annanur aga gözüni açman ýatyrdy. Wah, Täçbibi beýle-beýle zatlaryň boljagyny bilse ömür ene-atasyna garşy gitjekmi diýsene. Ol indi özüniň kellesiniň gyzgynyna diýen sözüne ökünip, aňyrsyna çykyp bilenokdy. Doganlarynyň hemmesi bu günler öýlerindediler. Kakalarynyň saglygyndan biynjalyk bolup, olaryň hiç biri öz öýlerine gidip bilmän otyrdylar. Täçbibi bolsa, olaryň gözüne görünmäge-de çekinýärdi. Bokuragyndan suwam geçenokdy. Göwnüne bolmasa doganlary daşyndan hiç zat gürlemeselerem gözleri bilen Bibitäji näletleýärdiler. Şonuň üçinem gyz köp wagtyny kenarda oturyp geçirýärdi.

Täji-i-i, Täji-i-i.. – diýip, gygyrylýan sese Täçbibi allaniçigsi bolup ýerinden galdy. Görse uly agasynyň 10-12 ýaşlaryndaky gyzy ony gözläp gelipdir. Gyzjagaz howlukmaçlyk bilen:

Täji, enem dagy saňa bahymjak gel diýýä – diýdi.

Bibitäjiň gözleri garaňkyrady. Ol bar güýjini edip, öýlerine tarap ylgady. Howla girdi-de, biraz diňşirgendi. Howly ümsümlikdi. Öýdenem ses-seda eşidilenokdy. Gyz daşky gapynyň tutawajyna elini ýetirdi, emma ony açmaga bogny ysmady. Endamynda uşajyk sandyrama peýda boldy. Şol wagtam gapy içinden açyldy. Gapynyň agzynda gagşap duran gyzyny gören ene:

Täjim, geldiňmi, gyzym. Bütin gün seni gözledik. Nirede bolduň?– diýdi. Ýaňaklary içine çöküp, gül meňzi solan gyzyna Bibigözel ejäniň nebsi agyrdy. Täçbibi ejesiniň sözlerinde parahatlyk duýdy. Ol:

Kakam…, kakam nähili? Diýip, aljyraňňylyk bilen sorady.

Bibigözel eje kakasynyň näsaglamagyna özüni günäkärläp, saralyp-solan gyzyny bagryna basdy.

Köşeş, gyzym. Hudaýa şükür, kakaň ýagdaýy gowulaşdy. Onuň gyzgyn Günüň astynda köp gezeni üçin gan basyşynyň gaty ýokarlanyp, şu hala düşüpdir. Indi kakaň özüne geldi. Şu wagt ýagdaýy erbet däl. Dogtar: “Birki günden aýaga galar” diýdi– diýip, gözüne ýaş aýlady.

Kakaň seni sorady, ol bir ahwal görüpdir. Gören zadyny maňa-da aýtdy. Ýör, gyzym, kakaň ýanyna baraly. Ol saňa garaşýar.
Täçbibi kakasynyň ýanyna ýeke özi girmäge çekindi. Ejesi bilen tirkeşip içki otaga girdi. Hassanyň ýüz-gözüniň reňki durlanypdyr. Ýagdaýynyň öňküden gowulaşany bildirýärdi. Kakasynyň ýüzüne seredip bilmän, aşak bakyp oturşyna:
– Kakajan, meni bagyşla, beýle zatlar bolar diýip, pikirem etmändirin, meni bagyşla, men näme etseňizem razy, sen gutulsaň bolýa, kakajan! – diýip, aglamaga başlady. Kakasy onuň elini sypady-da:
– Meňkem gaty dogry däl eken, guzym. Hassalygyma sen günäkär däl, özüňi kötekleme – diýdi. Ýaňy özüne gelip, bäri bakan adamsynyň tolgunyp, gaýra üzülmeginden howatyrlanan ene:
Ýör, gyzym galan zady meniň özüm gürrüň bererin. Kakaňy ýadatmaly – diýip, gyzy bilen daş çykdylar. Täçbibi häzirem nämeleriň bolup geçýändigine düşünenokdy. Gyzynyň äm-säm bolup, soragly nazaryny özüne dikip duranyny gören Bibigözel eje bolup geçen wakany gürrüň bermäge başlady:
Şol gün kakaň Günüň astynda uzagrak işlemeli bolupdyr. Şol sebäplem şu ýagdaýa düşüpdir. Kakaň özem seni nägile edenine gynanypdyr. Ýaraman ýatan wagty oňa bir ahwalat görnüpdir. Ol hadysanyň düýşdemi ýa huşda bolanyny özem bilenok. Oňa bir aksakal: “Diňe öz diýeniňi gögertjek bolup ýörme, özgelerem diňlemegi başar. Perzentleriň göwnüne degme, olardan nägile-de bolma! Öýüňdäkilere hoşamaý bol!” diýipdir. Kakaň maňa seniň özüňi diňlemegi hem şol öňki gudaçylyga gelenleri sorap-idemegi tabşyrdy – diýip, ýene sözüni dowam etdi. Şol wakadan soň menem janyma jaý tapmadym. Kakaň yňdarmarak häsiýeti bar. Sen ony bilýäň. Oňa gulak asmasaň bir däl, senem göwnetmän birine berip goýberip, arkaýyn oturyp boljak gümany ýok. Iki arada näme etjegimi bilmän janserek boldum. Bolsada, Allajan ugruna etdi. Kakaňam bäri bakdy, edenine şükür. Indi, ol ýigit bilen habarlaşsaň, gelseler, bizem olary sorap-idesek… Belki, adam çykýan ýerler bolaýady-da… – diýip, sözüni doly gutarman goýdy. Täçbibi ejesiniň näme diýýänine düşündi. Onuň üstünden agyr ýük aýrylana döndi. Emma ol ejesine:
Eje, siziň göwnüňizde jinnek ýaly nägilelik galjak bolsa,

goýaýalyň şolarly gürrüňi. Maňa siziň edeniňiz bolýa– diýdi.
Ejesi:
Bize seň bagtly bolanyň gerek, balam!– diýip, bagryna basdy.

Oguljahan SOPYÝEWA,
Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň uly mugallymy. Hekaýalar